# Sen adam aslyň hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sen adam aslyň hakda SEN ADAM ASLYŇ HAKDA



Owal toprak gum sudur,
Kyrk ýyl ýagmyr palçykda.
Ruh teni örtüp sydyr,
Sen adam aslyň hakda.
Käte özün görmeýen,
Günä aýybyn bilmeýen,
Gybat nandan doýmaýan,
Sen adam aslyň çakda.

Lebiz edip pälin bozyp,
Dünýäň küýüne azyp,
Nebis içre oda dözüp,
Sen adam aslyň hakda.

Ölüm höküme akyl ede,

Sogap günä hakkyl ede,
Ýoldaş dälin takyl ede,
Sen adam aslyň çakda.

Ylymyň dagy düz eder,
Hökümiň köli toz eder,
Asmanlarda söz eder,
Sen adam aslyň hakda.

Bir görmäne alym sen,
Bir görmäge mälim sen,
Bir görmäne zalym sen,
Sen adam aslyň çakda.

Ýene birde loly deý,
Ýene birde däli deý,
Dostmyň, duşman bilmez heý,
Sen adam aslyň hakda.

Dogan doganyn bozup,
Ogul atany ýazyp,
Enäň ornuna dözüp,
Sen adam aslyň çakda.

Wah azaplar eltilmez,
Galsa yzyň örtülmez,
Adam ogla söz ilmez,
Sen adam aslyň hakda.

Halmyrat sen gür eden,
Ne bitirdiň aýt neden,
Tilde her kes akyl iden,
Sen adam aslyň çakda.

05.05.2024 ýyl. Goşgular